# ULAG HOWPSUZLYGY BOÝUNÇA SYÝASATY

Şu «Ulag howpsuzlygy boýunça Syýasaty» (mundan beýläk — «Syýasat»), «Arassa Deňiz» HK-nyň (mundan beýläk — HK) we HK-nyň ýolbaşçysynyň ulaglaryň dürli görnüşleriniň howpsuzlygy babatda, Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplarynyň hem-de ulag serişdelerini guramak we howpsuz dolandyrmak boýunça, HK-nyň içerki resminamalarynyň berjaý edilmegine bolan garaýşyny beýan edýär, şeýle hem ulag howpsuzlygy çygryndaky işleriň strategiýasyny we maksatly meýilleşdirilmegini kesgitlemek üçin esas bolup durýar.

**Şygar: Biz ulag howpsuzlygynyň tarapdary!**

**Strategik maksatlar:**

- **Işgärleriň ömrüni we saglygyny goramak:** Ulaglaryň dürli görnüşlerini ulanmak bilen, HK-nyň işgärleriniň ömrüni we saglygyny gorap saklamak.
- **Awariýalaryň we ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak:** Ýol-ulag hadysalaryna ýol bermezlik we olaryň netijeleriniň agyrlygyny iň pes derejä düşürmek.
- **Ulaglara hyzmat etmegiň hilini ýokarlandyrmak:** HK-nyň eýeçiligindäki awtoulag serişdelerine tehniki hyzmat etmegiň hilini ýokarlandyrmak.
- **Medeniýeti we jogapkärçiligi ýokarlandyrmak:** HK-nyň ähli işgärleriniň özüni alyp baryş medeniýetini we jemgyýetçilik jogapkärçiliginiň derejesini ýokarlandyrmak.
- **Daşky gurşawa täsirini azaltmak:** HK-nyň eýeçiligindäki awtoulag serişdeleriniň daşky gurşawa ýetirýän otrisatel (ýaramaz) täsirini azaltmak.

**«Syýasatyň» durmuşa geçirilmegi şular arkaly gazanylýar:**

- Ulag howpsuzlygy çygrynda Türkmenistanyň kanunçylygy we halkara hukuk namalary tarapyndan bellenen talaplaryň we kadalaryň, şeýle hem kanunçylyk ýa-da kadalaşdyryjy namalar bilen düzgünleşdirilmedik meseleler boýunça, özüniň ýolbaşçy resminamalarynyň berjaý edilmegi;
- HK-nyň ýolbaşçysynyň ulag howpsuzlygy derejesini ýokarlandyrmak maksatlaryna üýtgewsiz ygrarlylygy;
- Işde diňe HK-nyň eýeçiligindäki gurat işleýän awtoulag serişdeleriniň ulanylmagy;
- HK-nyň eýeçiligindäki awtoulag serişdeleriniň yzygiderli gözden geçirilmegi we abatlaýyş boýunça dürli görnüşleriň geçirilmegi;
- HK-nyň eýeçiligindäki awtoulag serişdelerini dolandyrmaga degişli hünär derejesi we iş tejribesi bolan sürüjileriň çekilmegi;
- HK-nyň eýeçiligindäki awtoulag serişdelerine hyzmat edýän we hereket edýän sürüjileriň hünäriniň yzygiderli ýokarlandyrylmagy;
- Zerur bolan ŞGS (şahsy goranyş serişdeleri) bilen wagtynda üpjün edilmegi;
- HK-nyň ähli işgärleri bilen islendik ulagda ZG we TH boýunça yzygiderli okuwlaryň geçirilmegi;
- Hadysalaryň derejesine garamazdan, awariýalar, dürli ulag hadysalary we düzgün bozulmalar barada wagtynda habar berilmegi;
- Sebäpleri ýüze çykarmak we zerur bolan öňüni alyş hem-de düzediş çärelerini görmek maksady bilen, her bir awariýanyň, dürli ulag hadysalarynyň we düzgün bozulmalarynyň wagtynda hasaba alynmagy we içerki gulluk derňewiniň geçirilmegi;

- Daşky gurşawa ýetirilýän otrisatel täsirleriň öňüniň alynmagynyň we azaldylmagynyň üpjün edilmegi;
- Galyndylary dogry dolandyrylmak we utilizasiýa emek (ýok eetmek).

HK-nyň ýolbaşçysy şu «Syýasaty» berjaý etmäge, ony HK-nyň ähli işgärleriniň dykgatyna ýetirmäge, ony yzygiderli täzelemäge we gyzyklanma bildirýän taraplar üçin elýeterliligini üpjün etmäge borçlanýar.

| «Arassa Deňiz» HK-nyň<br>Baş direktory<br>(wezipesi) | M.W. Şwydko<br>(F.A.A.a.) | ________ | «10» noýabr 2025 ýyl<br>(sene) |
|---|---|---|---|